# Özüñden medet!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Özüñden medet! ÖZÜÑDEN MEDET!

Adyñy alkyşlap guraýyn söhbet,
Ýadasam kuwwatsyñ, büdresem söýget.
Sen penalap dursañ her günüm sãhet
Ýa Alla!
Ýa Huda!
Özüňden medet!

Ömrüň ýoly agyr, menziller hatar,
Ýaman gözden dilden edýąrin heder.
Üstüme abansa bir bela-beter,
Kãn gezek dep etdiñ, ýene-de dep et,
Ýa Alla!
Ýa Huda!
Özüňden medet!

Eşreti artyk et, hesreti kem et,
Owaldan dert berme, beräýseň em et
Eger-de ýolumda duş gelse böwet,
Ýa Alla!
Ýa Huda!
Özüňden medet!

Özge Özüň ýalyñ ýokdugy magat,
Ýyldyrym hasaply, başym amanat,
Şükür, kyn günlerde berdiň kanagat,
Ýa Alla!
Ýa Huda!
Özüňden medet!

Egini egne deňlãp gowudyr erbet,
Arman, arasyna çekmänsiň serhet…
Çõkgün göwni galdyr, doñ kalby eret,

Ýa Alla!
Ýa Huda!
Özüňden medet!

Müñde bir adyñ bar, birisi Ahat,
Õmrümiň her güni ullakan sowgat,
Haýyş edýän, nalyş etmek gabahat,
Ýa Alla!
Ýa Huda!
Özüňden medet!

Berdinazar HUDAÝNAZAROW. Goşgular